# Iňlisleriň heleý satma däbi

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Iňlisleriň heleý satma däbi Günbataryň masgaraçylykly taryhyndan bir parça

## ■ IŇLISLERIŇ HELEÝ SATMA DÄBI

Iňlisleriň heleý satma däbi diýip eşidipmidiňiz? Hawa, hawa, gulagyňyz öte eşidenok, **heleý satma**. Käbirlerimiz tarapyndan gözügidijilik bilen öwe-öwe arşa çykarylýan Günbataryň masgaraçylykly taryhy. Ynha, Ýewropa diýilýän medeniýetiň taryhy şeýle, gardaş. Özem, mundan ýüz ýyl öňem şol heleý satma däbi dowam edýän eken.

Mundan 100 ýyl öňem Angliýada biziň günlerimiziň şertlerine gabat gelmeýän «heleý satma» ýaly bolgusyz däbi bar eken. Erkek aýalynyň boýnuny ýa-da ellerine ýüp bilen baglap, bazara çykarypdyr. Oňşukly ýaşaşmaýan är-aýallar şeýdip aýrylyşypdyrlar. XVII asyrda başlandygy çak edilen we esasanam ortagürp maşgalalarda gabat gelen bu däp aýrylyşmagyň çykdajyly we kyn düşýänligi sebäpli dörändir diýip çak edilýär.
1857-nji ýylda «Aýrylyşmak hakynda kanunyň» («Matrimonial Causes Act») güýje girmeginden öň aýrylyşmak kyn we gymmada düşýän eken. Aýrylyşmak üçin parlamentden ýörite perman çykartmaly bolupdyr, perman bolsa örän gymmada durupdyr. Puluň gaty köp bolmasa, muňa her kesiň güýjem ýetmändir.
Ýurist we taryhçy Jeýms Braýs 1901-nji ýylda «heleý satma» däbinr günde-günaşa gabat gelinýändigini ýazypdyr. Şol satuwa çykarylan aýallaryň arz-şikaýaty bilen ýazga geçen iň soňky heleý satma 1913-nji ýylda bolup geçipdir.
1932-nji ýylda ýüz ýyl öňki sanyny gaýtadan çap eden «The Times» gazetinde berlen habarda aýalyny auksiona goýlan haryt ýaly kim köp bahalatmaşak edip satýan erkek halka şeýle ýüzlenipdir:

*“Žentlmenler! Aýalym Uilýamsony, başgaça ady Maý Tompsony kim köp bahalatmaşaga çykardym. Kim gowja tölese berjek… Öňünden aýdýandyryn. Hiç zady gizlämok. Bu heleý goltugyma giren ýylandan tapawudy ýok. Men ony öýüme seretsin, indi bir durmuşyň hözirini göreýin diýip aldym. Gaýtam bu başyma bela boldy. Öýümiň mazasy gaçdy. Gije hüjümine, gündiz şeýtanlygyna çydamaga mejalym galmady. (Märeke wakyrdap gülüşýär). Indi men munuň gowy taraplarynam aýdaýyn: Roman okap, sygyr sagyp bilýär. Islän wagty gülüp, islän wagty aglaýar. Suwsan wagty ullakan piwoly golçany başyna çekýär».*
Heleý satmalar ikitaraplaýyn razylyk esasynda bolup geçipdir. XVIII asyrda aýallaryň muňa garşylyk görkezendigi barada hiç hili maglumat gabat gelmese-de, XIX asyrda ilkinji arza-şikaýatlar döräp başlapdyr. Şu ýerde bir zady bellemek gerek, olam satylmak üçin özi isleg bildiren aýallaram az bolmandyr. Käte satyn alan adam satlyk aýala aşyk bolup alýan bolsa, käte bu söwda gözlük üçin 1 dollarlyk baha bilenem boluberipdir.
Barlagçylaryň aýtmagyna görä, bu däp diňe ortagürp maşgalalarda däl, gurply maşgalalarda-da bolup geçipdir. Olaryň arasynda aýalyny satandygyny parlamentde ýazgy etdirip, soňundan parlamentiň agzasy bolýanlaram bar eken. Ynha, ösen ýewropa medeniýeti diýlip arşa çykarylýan medeniýetiň taryhy şular ýaly masgaraçylykly nysaklara diýseň baý. Bilip goýan ýagşy

🙂

# Çeşme: English Custom, Mynet. Geň-taňsy wakalar